# Bu setirler nirden serime geldi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025

Bu setirler nirden serime geldi BU SETIRLER NIRDEN SERIME GELDI

Maňa öldi diýseler,
Ynanmagyn, ezizim.
Jesedimi goýsalar,
Görseňde ýumuk gözüm.

Ýöne gitdi diýseler,
Bu dünýeden göz ýumup,
Gidenligme ynangyn,
Seniň düýşüňe çümüp.

Men gelerin ýanyňa,
Her gije seň düýşüňde,
Şygyr düzüp şanyňa,
Okaryn men gaşyňda,

Dyza çöküp, ezizim,
Syparyn çal saçlaryň,
Seniň süýji düýşüňde…
Ýöne gözüň açmagyn.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular